# Poeziýada Ahlak meselesi

Category: Edebi tankyt,Goşgular,Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Poeziýada Ahlak meselesi POEZIÝADA AHLAK MESELESI

Beýik rus ýazyjysy M.Gorkiniň «Adam diýen söz belent ýaňlanýar!» diýen ganatly sözi asyl manysynda çeperçilik medeniýetiniň döredijilik baýdagyna öwrülen jümledir.
Biziň türkmen edebiýatymyz proza, dramaturgiýa, çeper tankyt, publisistika ýaly täze žanrlar bilen baýlaşyp, jemgyýetimiziň ruhy gymmatlyklarynyň hazynasyna öz goşandyny goşdy we goşup gelýär.
Türkmen klassyky poeziýasy şahyrlarymyzyň häzirki zaman nesline bahasyna ýetip bolmajak baý mirasy peşgeş berdi. Beýik Magtymguly Pyragynyň poeziýasy dünýä akyl ýetiriş güýji bilen ony öwrenijileri, çeper söze muşdaklaryny haýran galdyryp gelýär. Mollanepesiň nepis yşky lirikasy, Keminäniň ýalynly satirasy, Seýdiniň watançylyga eýlenen goşgulary, biziň günlerimize gelip ýeten ajaýyp eposlar hem-de dessanlar, gadymy halk aýdymlary hem-de nakyllar – halkyň çeperçilik mirasynyň bu deňsiz-taýsyz nusgalary biziň şindiki şahyrlarymyza özleriniň düýpli täsirini ýetirdi.
Şahyrlaryň döredijilik aýratynlygyny aýyl-saýyl etmek aslynda poeziýanyň tebigatyny yzarlamak edebiýaty öwrenijileriň işi. Biz şu belliklerimizde häzirki zaman türkmen poeziýasynyň aýry-aýry wekilleriniň döredijiligindäki häsiýetli taraplary, ylaýta-da poeziýamyzyň ahlak öwüşginleri barada söz açmakçy. Şunda men belli şahyrlarymyzyň döredijiligine salgylanmak bilen bir wagtyň özünde goşguçy hökmünde öz sada tejribämi-de, öz kärimiz baradaky pikirlerimi-de orta atmakçy.
Gündelik gazetlere, radio, telegepleşiklere, aýda çykýan žurnallara, kitap täzeliklerine ser salyň. Goşgy hem-de goşguçy megerem hiç haçan şindiki ýaly şeýle bol-elinçilige eýe bolan däldir. Megerem goşhy hiç haçan şindiki ýaly jomartlyk bilen çap edilen däldir. Goşgy goşup bilýän adamlaryň känligi bizi haýran galdyranok. Sebäbi, halkyň

çeperçilik derejesi ýokary. Durmuşyň medeni tarapynyň baýlaşmagy, çeper höwesjeňligiň ösmegi – bular döwrüň alamaty. Beýle ýagdaýda galama ýapyşýanlaryň köplügi tebigydyr. Goşgy goşmak üçin ýaş ýüregiň byjyklamasy ýetik. Emma halkyň hem-de zamananyň poeziýasynyň ösüşine şärik bolmak üçin diňe «goşgy goşmak» ýeterlik däl. Okyjylaryň belli bir böleginiň göwnünden turaýjak zatlary ýazyp, olaryň el çarpyşmalaryna mynasyp bolmak, ýagny çemeçillik bilen özüňe ünsi çekdirmek kyn däl. Bu – galplygyň edähedi. Okyjy köpçüligini öz hakykatyň baýdagy bilen, öz ynanjyňa beslenen zehiniň gözelligi bilen haýran galdyrmak welin kyn. Emma bu döredijiligiň ýalňyz dürs ýoly. Şonuň üçin-de, şahyryň üznüksiz gözlegleri esasan ahlak gymmatlykaryna gönükdirilendir. Döredijilik ýolumyň başlarynda ýazan «Suratçy we çopan» atly çaklaňja goşgym ýadyma düşýär. Indi-indiler seredip otursam, çeperçilik jähtden asla ýokary derejede ýazylmadyk şol goşgyda ündelýän pikir bütin döredijiligim üçin programma, prinsip bolup galan eken.

Bir suratçy bizar etdi çopany,
Käte «ýylgyr» diýip, käte «gül» diýip.
Ol bendäňem bolşy şeýle ekeni,
Gaşyn çytdy gaýtam «bahym bol» diýip.

Ol güldürjek boldy, çopan gülmedi,
«Ýyrş-ýyrş» etse-de, ugry bolmady.
Suratçy torsardy: – «bolmaýar beýle!..»
– Alaç ýok, han ogul, ýasalşym şeýle!»

– Ýylgyraýda iň bolmanda ýalandan!
– Aý, oňaýdyk onda beýdip meşhur bolandan…

Liriki gahrymanyň şahyryň şahsyýeti bilen gürrüňsiz baglanyşykly bolany üçin, şahyryň diňe öz idealyny «dogurýandygy-da» düşnüklidir. Şonuň üçin-de bu prosesiň emeli ýagdaýda bolup geçmegi mümkin däl.
Poeziýanyň öwüşginleri dürli-dürlidir. Durmuşda diňe gowy zatlary görüp, diňe şolary teswirleýän şahyrlaram bar, durmuşyň kölegeli tarapyna has siňe seredýän şahyrlaram bar.

Meniñ hut özüm-ä prozada bolşy ýaly poeziýada-da ýüz görmezek realizmiñ tarapdary. Adamkärçilik diýen asylly sözüñ manysy harytlaryñ nyrhy ýaly kän bir üýtgäp durmaýar. Ündelýän pikiriñ çynlakaý formada, saldamly äheñde beýan edilmegi juda zerur. Beýik Magtymgulynyñ didaktiki goşgularyny käbir adamlaryñ «könelen, täsir ediş güýji gaçan» usul hasap etmekleri bilen ylalaşmak mümkin däl. Şindiki köplenç edebi tankytçylar, şahyrlaryñ ýaş nesliniñ wekilleriniñ aglabasy asla öwüt, akyl beriji goşgulary ret edýärler. Emma edebiýatyñ, şol sanda poeziýanyñ düýp maksady eýsem näme? Bu ýerde gep okyjylar auditoriýasynyñ saña uýýanlygynda ýa-da uýmaýanlygyndadyr. A.T.Twardowskiniñ gönümel, kyssalaç poeziýasynyñ güýjüni duýmagyñ özi ýeterlikdir. Zamanamyzyñ şu beýik şahyrynyñ uruş temasyndan ýazan kiçijik bir goşgusy bar. Goşgy tokaýyñ içinde dem-dynç almaga düşlän esgerleriñ agajyñ üstünde höwürtge ýasanýan guşjagaza höwrügişleri barada gürrüñ berýär. Komanda bolansoñ, esgerler ýene öñe gidýär, guşjagaz bolsa «uruş uruşdyr welin, nesil öndürmek hem gerek ahyryn» diýýän ýaly jürküldäp öz höwürtgesinde galyberýär.

Adamkärçiligiñ, ahlak sahawatynyñ, haýyr işiñ belent nusgasyny beýan edýän bu goşgy biziñ günlerimiziñ poeziýasynyñ klassykasyna girdi.

Döredijі şahsyñ graždanlyk hem-de ynsanlyk gymmatyny kesgitleýän ýeke-täk faktor onuñ dünýägaraýşydyr. Şu dünýägaraýyş bize taýýar görnüşde berlenok. Dünýägaraýyş işlenip düzülýär. Ýöne, hudožnik üçin şeýle işlenip düzülen dünýägaraýyş entek diñe nobatdaky basgançakdyr, başgaça aýdanyñda, mümkinçilikdir. Diñe talant bilen durmuşa beletlik şol mümkinçiligi döredijilik hakykatyna öwrüp biler.

Meniñ döredijilik neslim — deñ-duş galamdaşlarym Beýik Watançylyk urşunyñ agyr ýyllarynda ynsan hökmünde kämilleşip, graždan hökmünde taplandy. Hupbatly döwür jyzyrdap ýanýan lenta ýaly bolup biziñ göz öñümizde hem-de hakydamyzda galdy. Agyr synagyñ astynda galan Watan özi hakyndaky biziñ düşünjämizi has çuñlaşdyrdy, biziñ ruhy tejribämizi baýlaşdyrdy.

Günbatardan harby tupan turanda
Seçme ýaly pytrap giden oglanlar,
Üýtgeşik gudraty synlaýan ýaly,
Kän nesliñ nazary sizde eglener!

Sebäbi:

On bäş ýaşa ýetdik bahar çagynda,
On altyny bolsa ogurlatdyk biz.
Şol demde-de ýigit çykdyk, bir demde –
Wagtyñ özündenem öñe gitdik biz.

Ine, bizi terbiýelän, taplan döwür:

Orýanymyz bugdaý,
Saçagymyz boş.
Ýygýanymyz pagta,
Gytdyr eginbaş.

Köwşümiz bitin däl,
Işigimiz gar.
Öýde öýlänlik ýok,
Düşünjämiz bar!

Ýorganymyz ýuka,
Oraçamyz dar.
Odun bolsa, ot ýok,
Ynamymyz bar!

Kemlikden kösenip
Tapypdyk kemal.
Öýümiz garypdy,
Süññümiz halal.

Süññi halallyk, ruhy halallyk ahlak kategoriýasyna girýär, olar ahlaklylygy alamatlandyrýan ilkinji şertlerdir.
Türkmen halkynyñ uly şahyry Kerim Gurbannepesow özüniñ goşgy kitaplarynyñ birini «Ömür» diýip atlandyrypdyr. Bu at eýýäm şahyryñ ahlak pozisiýasyny añladýar.

Gum hem özi üçin hasyl berenok,
Suw hem özi üçin berenok tagty.
Bulut hem öz-özün ýuwundyranok,
Gün hem özi üçin saçanok ýagty.

Tebigat bilen adamyň arabaglanyşygy kän-kän pähimdarlaryň, şahyrlaryň nazaryny özüne çekipdi. Mysal üçin, Ýer jomartlygyň, çydamlylygyň, giňgursaklygyň simwoly bolup galdy. Akar suw berekedi hem-de päkizeligi alamatlandyrýar. Bakylygyň, belentligiň simwolyny köp şahyrlar daglarda görüpdi. Goja älemde dogup, ýaşyp mydama hereket edýän Gün hakda oýlanyp, Kerim Gurbannepesow şeýle ýazýar:

Irden synladym Günüň doguşyn,
Öýlän synladym onuň ýanyşyn.
Agşam synladym onuň ýaşyşyn
Üçüsen ajap. Şeýdip dogulsyn,
Şeýdip ýaşalsyn,
Şeýdip ýaşylsyn.

Şahyr ynsan aragatnaşyklary barada oýlananda adamyň adama hemaýatlg bolmalydygy hakyndaky özünden öň hem köpleriň aýdan sözleri onuň ýadyna düşýär. Hawa, megerem dünýäde aýdylmadyk söz, gaýtalanmadyk pikir azdyr. Emma ajaýyp şahyr täze bolmadyk pikire özüniň inçe duýgularynh goşýar-da, il-güne ýüzlenýär welin hemme zat täzeçe ýaňlanýar.

…Ejiz adamlara howandar bolmak
Onuňam, meniňem, seniňem borjuň.
Emma diňe ejizlere gol berip,
Güýçlüni unutsaň,
günäkär borsuň.

Ejiziň ýüregne iki söz bilen
Basyp bolýan bolsa ýitmejek gara,
Güýçlüniň ýüregne
ýeke söz bilen
Salyp bolar käte bitmejek ýara.

Adamlar! Ejize kömek bereliñ,
Güýçlä-de jan-dilden bereliñ kömek.
Ejize-de kömek zerurdyr weli,
Käte güýçlä hasam beterräk gerek.

Men ýokarda geçen uruş ýyllaryndaky gytçylygy, odun tapylsa, ot tapmagyñ kyn bolan döwri hakyndaky goşgyng mysal getirdim. Şondan bäri parahatçylykly ençeme on ýyllyklar geçdi. Halkyñ maddy, medeni derejesi ýokarlandy, aýdylşy ýaly, adamlaryñ elleri uzadan ýerine ýetdi. Adamlary gytçylygyñ synaga salýanlygy mälim. Ýöne olary bol-elinçilim hem synagyñ öñünde goýýan bolarly. Ine şeýle döwürde, ruhy taýdan baýlaşmaga, medeni taýdan ösmäge hemme mümkinçilikler dörän döwürde ilatyñ belli bir böleginde zat ýygnamak, gören-eşideniñi toplamak, harsydünýälik meýli güýçlendi. «Birek-birekden galmazlyk üçin» özara ýaryşa meñzeýän ýagdaý emele geldi. Bol-elinçilik gowy. Emma tebähediñ göçmegi, açgözlülik hiç haçan adamkärçiligiñ nusgasy hasap edilmändi. Elbetde, şahyryñ beýle ýagdaýa biperwaý garamajakdygy tebigydyr.

Säherler başlanýar aýdym-saz bilen
Dañlan başym galdyrmankam ýassykdan.
Kemlikden-ä zeýrenmäge hakym ýok,
Ýöne, gäbim azaýmasa meslikden.

Takyr ýola düşen tigirçek ýaly
Ýyndamlandy baharymyz, gyşymyz.
Hernä, bu döwletden, beýle bagtdan
Aýlanmasyn dostlar, biziñ başymyz.

Şeýle zamanada ýaşap ýörüs biz.
Tapylýar bir zady küýsese ýürek.
Yrsgalymyz ýetik.
Ýöne şo zady
Göteräýmek üçin injigem gerek.

Bir gezek uzakdaky obalaryñ birinde oba adamlary bilen duşuşykda men ýokarky setirleri okadym. Ümsümlik esli wagt

dowam etdi. Birdenkä bolsa el çarpyşyp başladylar. Soñ zalda oturan ak sakgally bir ýaşuly ýanyma geldi.

– Sag bol. Aýdanlaryñ ýürege jüñk boldy. Menden-ä arkaýyn bol, berlen rysgaly götererçe injigim bardyr – diýip, ol ýaşuly dillendi-de, bir salymdan soñ pikirini jemledi. – Arman, akyla gulluk edýän azalýan ýaly.

Men ýaşuly bilen jedelleşip durmadym. Belki, onuñ aýdanynyñ hem jany bardyr, ýöne goşgy okalanda zal doly märekäniñ gymyldaman diñlemegi, pikire çümmegi çeper söze adamlaryñ sarpa goýýandygyna, uýýandygyna güwä geçýär ahyry.
…Baharda tylla topraga tohum sepilýär. Daýhanyñ guwanjy hem-de yhlasy, buýsanjy hem-de umytlary şol sepilýän tohum bilen baglanyşyklydyr. Gadymy orak daýhançylygy şekillendirilse, galam şahyryñ guraly. Gurallaryñ aýry-aýrylygyna garamazdan, daýhanyñ käri bilen şahyryñ zähmetind ýakynlyk bar. Olaryñ tagallalarynyñ maksady biri-birine juda meñzeş. Garnymyzyñ doklugy, egnimiziñ bitinligi üçin daýhana minnetdardyrys.
Poeziýa bolsa şol garny dok, egni bitin adamyñ ruhy dünýäsiniñ gözelligi üçin, başgaça aýdanyñda ynsan ýüreginiñ nuranalygy, sahawatlylygy üçin göreşýär. Daýhan topraga bugdaýyñ ýa-da gowaçanyñ tohumyny sepýär. Şahyr çeper söz bilen ynsan ýüregine adamkärçiligiñ tohumyny sepmäge çalyşýar.
Bu poeziýanyñ beýik taryhy missiýasy.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW,
Türkmenistanyñ Halk Ýazyjysy. Edebi tankyt